***Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hemişelik Bitaraplygyň 30 ýyllygyna bagyşlanan halkara forumda çykyş edip, foruma gatnaşyjylary köpçülikleýin habar beriş serişdelerini diňe döredijilikli maksatlar üçin ulanmaga çagyrdy.***

Gahryman Arkadagymyz hormat goýmaga esaslanýan oňyn döwletara gatnaşyklarynyň ýola goýulmagynda maglumat dialogynyň möhüm ähmiýetini belläp, ýurdumyzyň bu ugra Parahatçylyk we ynanyşmak, şeýle hem Türkmenistanyň birnäçe ýyl mundan ozal öňe süren «Dialog – parahatçylygyň kepili» ählumumy derejeli başlangyjynyň möhüm düzüm bölegi hökmünde garaýandygyny aýtdy.

«Köpçülikleýin habar serişdeleri diňe döredijilikli maksatlar üçin peýdalanylmalydyr. Munuň üçin kiber jenaýatçylygyň hem-de metbugat giňişliginde göz-görtele ýalan maglumatlaryň ýaýradylmagynyň öňünde berk böwet goýulmalydyr» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri belledi.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены